Türkmen halky Milli bahar baýramyny- Halkara Nowuz günini şatlyk-şowhun bilen belleýär.

2009-njy ýylda ÝUNESKO tarapyndan Adamzadyň maddy däl medeni mirasy hökmünde ykrar edilen Nowruz baýramy köp milletleriň, şol sanda türkmen halkynyň ýokary ruhy-ahlak gymmatlyklaryny, milli däp dessurlaryny özünde jemleýär.

Akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragy "Gelse Nowruz äleme, reň kylar jahan peýda" diýip, tebigaty jana getiren Nowruzyň dünýäni täze keşbe getirişini wasp edipdir. Şahyryň "Güzeşt eýle" goşgusynda Nowruz baýramy çeper sözler bilen şeýle beýan edilipdir:

Gökde ýyldyz hormaty,
Ýerde Nowruz hormaty,
Gije-gündiz hormaty,
Gürtahim güzeşit eýle!

Bar bolan maglumatlara görä, Nowruzyň gelip çykyşyny ýeke-täk bir çeşmä baglamak mümkin däldir. Orta Gündogarda Aziýa çenli bolan ýurtlarda bellenilýän Nowruz baýramy her milletiň öz medeniýeti bilen utgaşan aýratyn bir gündir.

21-nji mart bilen baglanşykly delile Akgoýunly türkmen döwletiniň meşhur hökümdary Uzyn Hasan döwründe duş gelmek mümkin. Uzyn Hasan tarapyndan taýýarlanylan kanunnamada hem mart aýynyň 21-i Täze ýylyň başlangyjy we sargyt ýygnamagyň ilkinji döwri diýip ýazylypdyr. Bu bolsa, Nowruzyň Akgoýunly türkmen döwletinde hem giňden bellenilip geçilendigininiň aýdyň subutnamasydyr.

Nowruz baýramy türkmen döwletiniň düýbüni tutyjy Ysmaýyl şanyň döwründe hem bellenilipdir. Franzus syýahatçy Şardon Seferi hökümdary Süleýman şanyň döwründe Nowruz dabaralaryna gatnaşypdyr we bu dabaralar hakynda: "Köşgiň uly eýwanyna altyn we ýüpek bilen dokalan halylary owadanlap düşäpdirler, daş-töwerek ýüpek bilen örtilen palaslar bilen bezelipdir" diýip belläp geçipdir.

Nowruz bilen baglanyşykly maglumatlar edebi eserlerde hem öz beýanyny tapypdyr. XIV asyrda ýaşap geçen Kazy Ahmet Burhaneddin Siwasly (1345-1398) Nowruz baýramy bilen bagly şeýle sözleri beýan edpidir:

Nowruzdyr jahan ýene, Nowruza başlagyl,
Diw u periýi terk kyl imruza başlagyl!

Yrak topraklarynda dünýä inen Muhammet Fizuly (1498-1556) bir şygrynda magşuk gyzy bilen duşuşanda şahyr köňlüniň her güni açylýandygyny, emma çyn gülleriň bolsa, ýylda

Все права защищены

diňe bir gezek Nowruzda açylyp bilýändigini şeýle beýan edipdir:

Her gün açar köňlümizdäki wisalün ýenleden,
Gerçi güller açmaga her ýylda bir Nowruz bar.

**Aýgül KULYÝEWA**
**Aşgabat şäheriniň**
**ýöriteleşdirilen 16-njy**
**orta mekdebiniň okuwçysy**

Все права защищены